# Watan hakda sözläliñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Watan hakda sözläliñ WATAN HAKDA SÖZLÄLIÑ



Ýaponlarda telewizor arzanmyş,
Atyrlaram arzanmyka Pereñde?
Satyjylar nähilikä o ýerde,
Nädýälerkä artygrajyk bereñde?
Hytaýda mahmallar bolmuka beýle,
Meksikada daglar beýik-pesmikä?
…Ine, şeýle,
üýşüp meýlis başynda,
Bähbit gözleýän
kän, gaty sesli
kän.

Ine, men aýdaýyn Meksika hakda,
Daglary bar, howasy däl ýaramaz.
Paýtagty ~ Mehiko, owadan şäher,
Ilaty-da on milliona barabar.

Belkem, bu zatlary bilsek gowudyr,
Ýöne gutaralyñ soñsuz jedeli.

Gowusy, il hakda, Watanmyz hakda,
Gulaga ýakymly söhbet edeliñ. Goşgular